Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#29 (312)

пятница, 7 августа 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**1-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.**

Onda şu ýylyň geçen ýedi aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa şu ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, geçen ýedi aýyň dowamynda Türkmenistanyň Kanunlarynyň 7-si, Mejlisiň kararlarynyň 12-si, «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen dabaraly harby ýörişe gatnaşyja» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň hukuk binýadyny berkitmek, kanunçylyk işini döwrüň talaplaryna görä kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary H.Geldimyradow, G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew, B.Annaýew dagy degişli ugurlar boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, türkmen hünärmenleri daşary ýurtlarda iş saparlarynda bolup, halkara çärelere gatnaşdylar. Hormatly Prezidentimiziň Gruziýa amala aşyran döwlet saparynyň çäklerinde Tbilisi şäherinde Türkmenistanyň Medeniýet günleri üstünlikli geçirildi. Medeni hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnamalara gol çekildi. Azerbaýjan Respublikasynda geçirilen Türki dünýäniň ýaş şahyrlarynyň II halkara festiwalyna ýurdumyzyň ýaş şahyrlary, Koreýa Respublikasynda guralan halkara dostluk gününiň çäklerinde geçirilen çärelere sungat ussatlarymyz, Pekin şäherinde geçirilen Ýaşlar orkestrleriniň halkara sungat hepdeliginiň çäklerinde guralan çärelere “Mukam” skripkaçylar topary gatnaşyp, üstünlikli çykyş etdi we halkara baýraklara mynasyp boldy. Şeýle hem wise-premýer Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, medeniýet ulgamynyň işini döwrüň talabyna görä guramagy dowam etdirmegiň, halkara medeni hyzmatdaşlygy ösdürmek, medeni gymmatlyklarymyzy dünýä ýaýmak boýunça degişli işleri alyp barmagyň möhümdigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygy mynasybetli baýramçylyk çärelerine we Döwlet münberiniň öňünde geçiriljek dabaralara ýokary derejede taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýedi aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ylym, bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda netijeli işleri alyp barmagyň, bilim bermegiň hilini has-da ýokarlandyrmak boýunça netijeli işleri durmuşa geçirmegiň, saglygy goraýyş ulgamynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegiň wajypdygyny nygtady. Arkadagly Gahryman Serdarymyz wise-premýere sporty ösdürmäge hem aýratyn üns bermegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol, ilki bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýork şäherindäki ştab-kwartirasyndan hoş habaryň gelip gowşandygyny aýtdy.

Bellenilişi ýaly, şu ýylyň 24-nji iýulynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 106-njy plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda hödürlenen «2028-nji ýyl — Halkara hukuk ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň öňe süren başlangyjynyň häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelýändigini, halkara gatnaşyklarda kanunylygyň, adalatlylygyň we hukugyň ähmiýetiniň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen tagallalaryň giň goldawa eýe bolýandygyny aýdyň görkezýär. Pursatdan peýdalanyp, wise-premýer, daşary işler ministri mejlise gatnaşyjylaryň adyndan hormatly Prezidentimizi hem-de Gahryman Arkadagymyzy döwlet Baştutanymyzyň başda durmagynda ýurdumyzyň gazanan bu nobatdaky uly daşary syýasy üstünligi mynasybetli tüýs ýürekden gutlady.

Hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen «2028-nji ýyl — Halkara hukuk ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigini aýtdy. «Biz geljekde hem Birleşen Milletler Guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alyp barýan işlerimizi dowam etdireris» diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Wise-premýer, daşary işler ministri sözüni dowam edip, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen 2028-nji ýyly «Halkara hukuk ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamanyň düzgünlerini iş ýüzünde durmuşa geçirmek, şeýle hem Türkmenistanyň bu ugurdaky halkara başlangyjynyň mazmunyny giňden açyp görkezmek maksady bilen, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna birnäçe teklipleri hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz Kararnama boýunça beýan edilen teklipleri goldaýandygyny aýdyp, R.Meredowa bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, geçen ýedi aýda alnyp barlan işleriň gowy netijelerini görkezendigini, ýurdumyzy ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalaýyn işleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda özgertmeleriň netijeli alnyp barylýandygyny, önümçilik pudaklarynyň yzygiderli döwrebaplaşdyrylýandygyny aýtdy.

«1-nji awgustdan ýolbaşçylaryň zähmet rugsady başlanýar. Olar ýurdumyzyň şypahanalarynda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda saglygyny berkidip, dynç alyp bilerler» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Hormatly Prezidentimiz zähmet rugsady döwründe ýolbaşçylaryň ählisine gowy dynç almagy arzuw etdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА
Международные новости


## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ШВЕЙЦАРСКОЙ КОНФЕДЕРАЦИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Швейцарской Конфедерации Ги Пармелину по случаю Национального дня Швейцарской Конфедерации.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Ги Пармелину искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Швейцарской Конфедерации – мира, дальнейшего прогресса и процветания.




## THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN PARTICIPATED IN THE INFORMAL CONSULTATIVE MEETING OF THE HEADS OF STATE OF CENTRAL ASIA AND THE REPUBLIC OF AZERBAIJAN

On July 31, 2026, President Serdar Berdimuhamedov paid a working visit to the Kyrgyz Republic to participate in the Informal Consultative Meeting of the Heads of State of Central Asia and the Republic of Azerbaijan.

Early in the morning, the head of Turkmenistan arrived at the capital's International Airport, from where he departed for the Issyk-Kul region of Kyrgyzstan. At the airport, President Serdar Berdimuhamedov was seen off by officials.

Sometime later, the presidential plane landed at Issyk-Kul International Airport, where the national flags of the Summit participating countries were raised on flagpoles.

Guards of Honor lined the carpet leading from the aircraft's steps. At the airport, the President of Turkmenistan was warmly welcomed by Adylbek Kasymaliev, Chairman of the Cabinet of Ministers of the Kyrgyz Republic and Head of the Presidential Administration of the Kyrgyz Republic, and members of our country's official delegation.

From the airport, the Turkmen leader's motorcade proceeded to the Summit venue – the Congress Center of the State Residence of the President of the Kyrgyz Republic in Cholpon-Ata.

At the Congress Center, President Serdar Berdimuhamedov was warmly welcomed by President Sadyr Japarov of the Kyrgyz Republic.

Following the official group photo ceremony of the participating countries' leaders, an informal Consultative Meeting of the Heads of State of Central Asia and the Republic of Azerbaijan was held there.

After warmly welcoming the Summit participants, President Sadyr Japarov expressed gratitude to everyone for accepting the invitation to visit Kyrgyzstan. Noting that Turkmenistan is chairing the Consultative Meeting of the Heads of State of Central Asia and the Republic of Azerbaijan this year, the head of the Kyrgyz Republic praised our country's efforts in this area, expressing gratitude to President Serdar Berdimuhamedov for the invitation to the Consultative Meeting, which will be held in Avaza.

President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev, speaking at the Summit, also took the opportunity to express gratitude to President Serdar Berdimuhamedov for Turkmenistan's accession to the Treaty of Friendship, Good-Neighborliness, and Cooperation for the Development of Central Asia in the 21st Century.

At the beginning of his address, the President of Turkmenistan expressed sincere gratitude to the President of the Kyrgyz Republic, Sadyr Japarov, for the hospitality and high level of organization of the current meeting. He took the opportunity to convey warm greetings and best wishes for successful and fruitful work from the National Leader of the Turkmen People, Hero Arkadag, to the Summit participants.

The head of state also congratulated the Kyrgyz side on the opening of remarkable new facilities on the shores of Lake Issyk-Kul, expressing confidence that this modern infrastructure will not only enhance the lake's shores but will also provide a powerful impetus for the development of the tourism potential of the entire region.

Welcoming President Ilham Aliyev of the Republic of Azerbaijan, President Serdar Berdimuhamedov noted that at the Tashkent Consultative Meeting of the Heads of State of Central Asia held last year, a unanimous decision was made on Azerbaijan's full participation in this format. In this regard, the head of Turkmenistan once again congratulated President Ilham Aliyev and, through him, the people of Azerbaijan on this occasion.

As noted, a Consultative Meeting of the Heads of State of Central Asia and the Republic of Azerbaijan is scheduled to be held in Turkmenistan's Avaza National Tourist Zone on October 8, 2026.

Our country approaches this significant event with the utmost responsibility and is doing everything necessary to ensure the upcoming Summit is as productive as possible, with a high level of content and organization, President Serdar Berdimuhamedov emphasized.

In this context, the head of state announced that Turkmenistan has prepared and sent to the participating states a draft agenda for the meeting, which includes five main areas. Specifically, these include an exchange of views on pressing regional and international issues of peace, stability, and security; further strengthening political and diplomatic cooperation between the countries of Central Asia and the Republic of Azerbaijan; deepening trade and economic partnerships, expanding energy cooperation, and developing sustainable transport and logistics corridors; joint measures to protect the environment and adapt to climate change, promote the rational use of the water resources of the Amu Darya and Syr Darya rivers, and coordinate efforts to restore the Aral Sea; developing cultural, educational, and scientific ties; and expanding student and youth exchanges.

Noting that Turkmenistan believes all the proposed topics are highly relevant and significant for our countries, President Serdar Berdimuhamedov emphasized that a number of international forums and cultural events will be held in Avaza during the preparations for and holding of the Summit. Expressing confidence that, as before, the Central Asian countries and Azerbaijan will approach the organization and holding of such international meetings with interest and responsibility, the President of Turkmenistan once again expressed gratitude to all heads of state for their constructive attitude toward cooperation.

President Serdar Berdimuhamedov's speech was listened to with great attention.

Following the speeches, the "Cholpon-Ata Declaration following the Informal Consultative Meeting of the Heads of State of Central Asia and the Republic of Azerbaijan" was signed.

In the Declaration, the heads of state emphasize that strengthening regional cooperation between the Central Asian countries and the Republic of Azerbaijan meets the fundamental interests of their peoples and contributes to stability and prosperity in the region. They also reaffirm their commitment to further strengthening relations of friendship, good-neighborliness, mutual respect, and trust. Following the Summit, President Serdar Berdimuhamedov, along with the heads of friendly states, attended the opening ceremony of the Baku Hotel in the village of Kara-Oi in the Issyk-Kul region.

During the ceremony, the distinguished guests were introduced to the conditions and facilities created at the new hotel complex.

Following his working visit to the Kyrgyz Republic, President Serdar Berdimuhamedov arrived at Issyk-Kul International Airport for his departure home. There, the head of state was seen off by Adylbek Kasymaliev, Chairman of the Cabinet of Ministers of the Kyrgyz Republic and Head of the Presidential Administration, and members of the official delegation of our country.

Following the flight to Ashgabat, the presidential plane landed at the capital's International Airport, where the head of Turkmenistan was met by officials.



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWYŇ MERKEZI AZIÝA ÝURTLARYNYŇ WE AZERBAÝJAN RESPUBLIKASYNYŇ DÖWLET BAŞTUTANLARYNYŇ RESMI DÄL KONSULTATIW DUŞUŞYGYNDAKY ÇYKYŞY

(Çolpon-Ata şäheri, 2026-njy ýylyň 31-nji iýuly)

*Hormatly Sadyr Nurgožoýewiç!*
*Hormatly döwlet Baştutanlary*!

Ilki bilen, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti hormatly Sadyr Nurgožoýewiç Žaparowa bildirilen myhmansöýerlik we şu duşuşygymyzyň ajaýyp guramaçylyk derejesi üçin minnetdarlygymy beýan etmek isleýärin. Pursatdan peýdalanyp, size Gahryman Arkadagymyzyň mähirli salamyny, netijeli işlemek baradaky arzuwlaryny ýetirýärin. Bu ýerde — Yssyk-kölüň kenarynda täze, ajaýyp desgalaryň açylmagy bilen gyrgyz tarapyny gutlaýaryn. Bu döwrebap infrastrukturanyň diňe bir kölüň kenarýakasyny bezemek bilen çäklenmän, eýsem, tutuş sebitimiziň syýahatçylyk mümkinçiliklerini ösdürmek üçin hem kuwwatly itergi boljakdygyna ynanýaryn.

Bu mejlisde Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti hormatly Ilham Aliýewi mübäreklemäge şatdyryn. Mälim bolşy ýaly, geçen ýyl Daşkentde geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynda Azerbaýjan Respublikasynyň biziň formatymyza doly hukukly gatnaşmagy baradaky çözgüt biragyzdan kabul edildi. Hormatly Ilham Aliýew, Sizi we Siziň üstüňiz bilen Azerbaýjanyň halkyny bu waka bilen ýene bir gezek gutlamaga rugsat ediň!

Döwletara hyzmatdaşlygyň bu täze altytaraplaýyn guralynyň biziň halklarymyzy we ýurtlarymyzy has-da ýakynlaşdyrmaga, doganlyk gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine, bilelikdäki mümkinçiliklerimizi ulanmak arkaly hyzmatdaşlyga goşmaça itergi berjekdigine berk ynanýaryn.

*Hormatly döwlet Baştutanlary!*

Bilşiňiz ýaly, 2026-njy ýylyň 8-nji oktýabrynda Türkmenistanda, “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Ýurdumyz bu ähmiýetli waka örän jogapkärçilikli çemeleşip, sammitiň netijeli, ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi üçin ähli zerur işleri amala aşyrýar. Şunuň bilen baglylykda, biz gatnaşyjy döwletlere duşuşygyň gün tertibiniň taslamasyny iberdik. Gün tertibi esasy bäş ugry özünde jemleýär. Olar:

— möhüm sebit we halkara parahatçylyk, durnuklylyk, howpsuzlyk meseleleri boýunça pikir alyşmalar;

— Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň syýasy-diplomatik hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak;

— söwda-ykdysady gatnaşyklary çuňlaşdyrmak, energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmek, durnukly ulag-logistika geçelgelerini ösdürmek;

— daşky gurşawy goramak hem-de howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, Amyderýanyň we Syrderýanyň suw serişdelerini rejeli peýdalanmak, Aral deňzini gaýtadan dikeltmek ulgamynda tagallalary utgaşdyrmak babatda bilelikdäki çäreler;

— medeni, ylym-bilim gatnaşyklaryny ösdürmek, talyp we ýaşlar alyşmalaryny giňeltmek.

Bu teklip edilýän meseleleriň biziň ýurtlarymyz üçin wajyp ähmiýete eýediginden ugur alýarys. Şeýle hem Awazada sammite taýýarlyk görülýän we onuň geçiriljek günlerinde birnäçe halkara forumlaryň, medeni çäreleriň guraljakdygyny nygtamak isleýärin.

Biziň döwletlerimiziň şeýle halkara duşuşyklary guramaga hem-de geçirmäge, ozal hem bolşy ýaly, jogapkärçilikli çemeleşjekdigine ynanýaryn. Çykyşymyň ahyrynda ähli döwlet Baştutanlaryna hyzmatdaşlyga gyzyklanma bildirýändikleri üçin ýene-de bir gezek minnetdarlygymy beýan etmek isleýärin.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ВИЦЕ-ПРЕЗИДЕНТА, ГЛАВУ ФЕДЕРАЛЬНОГО ДЕПАРТАМЕНТА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ШВЕЙЦАРСКОЙ КОНФЕДЕРАЦИИ

5 августа 2026 года Президент Сердар Бердымухамедов принял вице-президента Швейцарской Конфедерации, председательствующей в Организации по безопасности и сотрудничеству в Европе (ОБСЕ), главу Федерального департамента иностранных дел Иньяцио Кассиса.



Выразив искреннюю признательность за оказанное гостеприимство, вице-президент, руководитель внешнеполитического ведомства Швейцарии подчеркнул огромный интерес ОБСЕ к наращиванию конструктивного сотрудничества с Туркменистаном, проводящим политику по обеспечению глобального мира и устойчивого развития.

Поблагодарив за добрые слова, Президент Сердар Бердымухамедов отметил, что нынешний визит в нашу страну рассматривается как важный этап в развитии отношений между Туркменистаном, ОБСЕ и Швейцарской Конфедерацией.

Отметив нынешнюю конструктивную динамику взаимодействия Туркменистана и ОБСЕ, глава государства подчеркнул регулярный характер мер, реализуемых на основе программ сотрудничества, которые ежегодно разрабатываются Правительством Туркменистана совместно с Центром ОБСЕ в Ашхабаде.

Вместе с тем Президент Сердар Бердымухамедов особо отметил придаваемое на государственном уровне значение обеспечению прав человека и принципов демократии в Туркменистане и заявил о целесообразности дальнейшего партнёрства в рамках ОБСЕ в целях продолжения соответствующей работы и изучения международной практики в этой области.

– Мы располагаем благоприятными предпосылками для наращивания сотрудничества по таким направлениям деятельности, как обеспечение безопасных и надёжных поставок энергоресурсов на мировые рынки, создание условий для устойчивого экономического роста, применение в полной мере потенциала в сфере транспорта, охрана окружающей среды и рациональное использование водных ресурсов, – сказал Президент Сердар Бердымухамедов. Говоря об этом, глава государства подтвердил готовность Туркменистана расширять взаимодействие с ОБСЕ во имя дальнейшего обеспечения мира и устойчивого развития на планете.

В продолжение Президент Сердар Бердымухамедов отметил нынешний продуктивный характер отношений между Туркменистаном и Швейцарской Конфедерацией, а также заинтересованность нашей страны в последовательном развитии двустороннего сотрудничества в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах. В данном контексте выражалась готовность Туркменистана рассмотреть конкретные предложения швейцарской стороны. Пользуясь случаем, глава государства ещё раз поздравил Иньяцио Кассиса и швейцарский народ с недавно отмеченным Национальным днём Швейцарии.

Выразив искреннюю признательность за поздравления, гость подчеркнул образцовость для всего мира проводимой Туркменистаном внешней политики, а также подтвердил придаваемое Швейцарией огромное значение последовательному развитию межгосударственного сотрудничества.

В завершение выразив уверенность в углублении двусторонних отношений, Президент Сердар Бердымухамедов и вице-президент, глава Федерального департамента иностранных дел Швейцарской Конфедерации Иньяцио Кассис обменялись наилучшими пожеланиями.

# TÜRKMENISTANYŇ BAŞLANGYJY BILEN KABUL EDILEN BMG-NIŇ BAŞ ASSAMBLEÝASYNYŇ «HALKARA HUKUGYNYŇ ÝYLY, 2028-NJI ÝYL» ATLY KARARNAMASYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ ÝOLUNDA

2026-njy ýylyň 2-nji awgustynda Türkmenistanyň DIM-niň binasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen «Halkara hukugynyň ýyly, 2028-nji ýyl» atly Kararnama bagyşlanan maslahat geçirildi.

Maslahata Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýolbaşçylary we işgärleri, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň alymlary, mugallymlary, şeýle hem talyp ýaşlar gatnaşdylar.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýubileý mejlisindäki çykyşynda 2028-nji ýyly «Halkara hukugynyň ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjy öňe sürdi.

Şu ýylyň 24-nji iýulynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň häzirki sessiýasynyň 106-njy plenar mejlisinde «Halkara hukugynyň ýyly, 2028-nji ýyl» atly Kararnamanyň konsensus esasynda kabul edilmegi Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm gazananlarynyň biri boldy. Resminamanyň awtordaşlary hökmünde 78 döwlet çykyş etdi.




Maslahatda eden çykyşynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Daşary işler ministri R.Meredow kabul edilen Kararnamanyň halkara ähmiýetini ýene-de bir gezek nygtap, onda beýan edilen düzgünleri iş ýüzünde durmuşa geçirmäge gönükdirilen çäreleriň işjeň amala aşyrylmagyna çagyrdy.

Bu çäreler öňki gün geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Serdar Berdimuhamedowyň garamagyna hödürlenip, döwlet Baştutany tarapyndan makullanyldy.

Şeýlelikde, degişli Kararnamany durmuşa geçirmek boýunça toplumlaýyn çäreleriň amala aşyrylmagyna badalga berilýär. Şeýle çäreleriň hatarynda 2026–2028-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň hem-de «Halkara hukugy we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Milli konsepsiýanyň taslamalaryny taýýarlamak göz öňünde tutulýar.

Maslahatda bellenilişi ýaly, bu Kararnamanyň kabul edilmegi Türkmenistanyň döwletlilik, adalatlylyk we hukugyň hökmürowanlygy ýörelgelerine berk ygrarlydygyny ýene-de bir gezek aýdyň görkezýär.

Çykyş edenler hemişelik Bitaraplyk, parahatçylykly bile ýaşaýyş we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine eýerýän Türkmenistanyň sebit hem-de ählumumy derejede ýokary abraýa eýe bolandygyny nygtadylar. Esasy halkara-hukuk namalarynyň gatnaşyjysy hökmünde Türkmenistan sebit we dünýä derejesinde durnuklylygy hem-de howpsuzlygy üpjün etmek işine saldamly goşant goşmagyny dowam etdirýär.

Maslahatyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň adyna BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara hukugynyň ýyly, 2028-nji ýyl» atly Kararnamanyň kabul edilmegi mynasybetli gutlag sözleri beýan edildi.




***О встрече Посла Туркменистана с Послом Государства Кувейт***

4 августа 2026 года в Душанбе состоялась встреча Посла Туркменистана в Республике Таджикистан А.Гочмырадова с Послом Государства Кувейт Мухаммадом Рашидом Аль-Амири, прибывшим с визитом вежливости по случаю начала своей дипломатической миссии.

В ходе встречи собеседники отметили, что туркмено-кувейтские отношения последовательно укрепляются благодаря личному вниманию и поддержке руководителей двух государств.

Посол Государства Кувейт выразил признательность туркменской стороне за содействие, оказанное в организации безопасного транзита граждан Кувейта через территорию Туркменистана в связи со сложившейся ситуацией в регионе Ближнего Востока. При этом была отмечена неизменная приверженность Туркменистана принципам гуманизма, добрососедства и конструктивного международного сотрудничества.

В ходе беседы состоялся обмен мнениями по актуальным вопросам региональной и международной повестки дня. Стороны подтвердили взаимную заинтересованность в продолжении конструктивного диалога и дальнейшем укреплении двустороннего взаимодействия.

В завершение встречи Посол Туркменистана ознакомил собеседника с мероприятиями, проводимыми в Туркменистане и за рубежом в рамках девиза 2026 года «Независимый нейтральный Туркменистан – Родина целеустремлённых крылатых скакунов», а также по случаю 35-летия независимости Туркменистана.

В завершение встречи Послу Государства Кувейт была вручена книга Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Героя-Аркадага «A horse - A symbol of faithfulness and happiness» («Конь – символ верности и счастья»). Высоко оценив этот ценный подарок, Посол Государства Кувейт выразил искреннюю признательность туркменской стороне.

***Обсуждены вопросы развития туристического сотрудничества между Туркменистаном и Японской ассоциацией туристических агентств (JATA)***

4 августа 2026 года состоялась встреча Посла Туркменистана в Японии А.Байрамова с новоизбранным председателем Японской ассоциации туристических агентств (JATA) господином Ё.Хара.

В ходе встречи господин Ё.Хара был поздравлен с избранием на должность председателя JATA, а также были обсуждены перспективы дальнейшего развития сотрудничества между Туркменистаном и Японией в сфере туризма.

Стороны отметили, что сотрудничество между Туркменистаном и JATA началось с участия нашей страны в международной туристической выставке «JATA Travel Showcase 2013» и в последующие годы последовательно развивалось. В этой связи в качестве успешных примеров взаимодействия были отмечены конференция «Туристический потенциал Туркменистана», состоявшаяся в Токио в 2014 году, а также международная конференция «Туркменистан – страна дружбы, братства и гостеприимства», проведённая в 2025 году в рамках Всемирной выставки «EXPO 2025 Osaka».

Особое внимание в ходе встречи было уделено вопросам продвижения открытия прямого авиасообщения между двумя странами, а также расширения сотрудничества между государственными учреждениями и туристическими компаниями Туркменистана и Японии в сфере туризма.

***Состоялась встреча с руководством Ассоциации «Akhal-Téké France»***

5 августа 2026 года Посол М.Чарыев провел онлайн-встречу с Президентом Ассоциации ахалтекинских лошадей «Akhal-Téké France» Николя Меню и Вице-президентом Ассоциации Элоиз Жирарди.

В ходе встречи обсуждены вопросы подготовки к Чемпионату мира по конному спорту и конкурсу красоты ахалтекинских лошадей, которые состоятся 4-6 сентября 2026 года в г. Кроненберг (Королевство Нидерландов). Посол Туркменистана проинформировал собеседников о ходе подготовки к мероприятию и пригласил руководство Ассоциации и её членов принять активное участие в предстоящем чемпионате.

Представители Ассоциации выразили благодарность за приглашение и подтвердили высокий интерес французских владельцев ахалтекинских лошадей к участию в чемпионате. Было отмечено, что во Франции насчитывается около 300 ахалтекинских лошадей.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***